# «Hä» diýerdiñ diýenme

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
«Hä» diýerdiñ diýenme «HÄ» DIÝERDIŇ DIÝENME

*Kärdeşim Ýaran Nyýazmyradowyň ýagty ýadygärligine*

«Dost» – diýýärin, dogan deýin ýakyndyň,
Inim deýin: «Hä» diýerdiň diýenme,
Indi görmejegme, bu gün göz ýetip,
Awy-zakgun, goşulan deý, iýenme.

Howa böwsüp, ses tolkuny şum habar,
Aňa zarply degdi, galmady mejal,
Bilmedik, sürnende Ezraýyl gelip,
Gözüňe nähili, göründi ajal?

«Goç» agzalsa göz öňüme gelip dur,
Güler ýüzüň, aladaly gözleriň,
Ýada düşýär, derdinşerdik, degşerdik,
Gulagymda galan eken sözleriň.

Adyň Ýaran, mert ýoldaşdyň, ýarandyň,
Seni ýitrip, töweregme garandym,
Ukusyz aljyran aňymy aldap,
«Tekge» boldy, derman içip gorandym.

Düýn agşamdy, jaň edeniň habarly,
Şäherde, ýygnanşyk barlygyn aýdyp,
Men şonda sesiňde «galpyldy» duýdum,
Indi, men sesiňi eşitmen gaýdyp…

Jaýyň jennet bolsun! Ýalkasyn Alla!
Iman baýlygyndan rehmet eçilsin,
Ýetim goýup giden çagajyklarňa,
Alla ýaran bolup, bagty açylsyn! Goşgular